# Baýramyň syýasy jedeli

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Baýramyň syýasy jedeli BAÝRAMYŇ SYÝASY JEDELI



Amerikan ýazyjysy Uilýam Folkneriň bir sözi bar: «Geçmiş asla ölmeýär. Hatda ol geçmiş hem däl».
Bu sözi ýatlatmagyma ýurdumyzyň syýasy partiýalarynyň ýolbaşçylarynyň arap-alawy raýatlarymyzyň Gadyr-Hum baýramyny gutlap, gutlag hatlary bilen çykyş etmekleri sebäp boldy.
Birküç sany žurnalistden başga bu barada ýazanam bolmady!
Gadyr-Hum baýramy hakda nämüçin pikir alşylanok, sessizje üstünden geçilýär.
Ýogsam bolmasa, geçen ýekşenbe güni Gadyr-Hum baýramydy.
Şaýylaryň baýram edip belleýän, sünnileriň bolsa ret edýän wakasynyň aňyrsynda näme bar?
Mesele onuň baýram bolup-bolmazlygynda däl-de, taryhy hakykatlarda… «Tagut» kitabymy ýöne ýere ýazmadym-a!




* * *

Gadyr-Hum bir ýeriñ ady…

«Uly kölegelik gün» diýilýän, bakyýete göç etmeginden birnäçe aý öň soňky haj zyýaratyndan dolanyp gelende Hezreti Muhammet (s.a.w) 632-nji ýylda ýüz müň adamlyk märekäni üýşürip hutba berdi…
Hutbada aýdylan sözleriň manysynyň üstünde häzirem jedel gidýär. Şeýle:
Hezreti Muhammet (s.a.w) «Sakaleýn» hadysy bilen başlady we iki amanat galdyrdy: Kurany-Kerim we Ehli-Beýt…
– Asla olardan öňe geçmäň, ýogsa heläk bolarsyňyz we asla olardan yza galmaň, ýogsa heläk bolarsyňyz… – Dowam etdi: – Eý ynsanlar… Ynsanlaryň möminleriň üstünde özlerinden has ygtyýarly bolany kimdir?
Musulmanlar jogap berdi:
– Sensiň, ýa Resulalla!
Muhammet pygamber (s.a.w) Hezreti Alyny ýanyna çagyryp, şeýle diýdi:
– *Alla meniň möwlamdyr, menem möminleriň möwlasy we men olaryň üstýnde has köp ygtyýarlygym bar. Biliň ki, kimiň möwlasy men bolsam, Aly-da onuň möwlasydyr. Allahym, ony weli edineniň welisi bol. Oňa duşman bolanyň duşmany bol… Oňa ýardam edene ýardam et, ony ýalňyz goýany ýalňyz hoý. Hem ol nirä dönse, haky şonuň bilen döndür. Bu sözlerimi bu ýerde duranlar ýoklara ýetirsinler.*
Häzir şaýylar şol güni Gadyr-Hum baýramy hökmünde belleýärler.
Gadyr-Hum gününiň baýram edilmegi ilkinji şaýy döwleti Buweýhileriň döwründe başlady (Ilkinji aşura ýas-matam çäreleri-de buweýhileriň döwründe geçirildi).
Häzir bu baýram Eýran, Yrak, Siriýa, Ýemen ýaly käbir ýurtlarda giňden bellenýär…




* * *

Emma:

Bu hadysyñ üsti elmydama jedelli boldy.
Sünniler hadysy ret etmeseler-de, «möwla», «weli» sözlerine başga many berýär: «Halyflyk we ymamlyk bilen dahylly ýeri ýok». Hatda Gurhanyñ «Tahrim», «Ýunus», «Toba» sürelerini mysal görkezdiler: sözüñ «dost» manysynyñ bardygyny öñe sürdüler. Hezreti Alyny «Allanyñ dosty» yglan etdiler…
Elbetde, munuñ garşylykly jogabyny bermän goýmadylar… Jedel häzirem dowam edýär.
Eýse taryhda hossarlyk (ýagny oruntutarlyk, опекун -t.b.) hemişe jedelli tema bolup gelmedimi?
Hezreti Adam atanyñ oruntutary Kabyldy. Abyl ony öldürenden soñ Alla hibe (bagyş etmek) hökmünde Şişi berdi. Hatda şonuñ üçin onuñ künýesi Hibetullady. Ýagny peşgeşdi…
Şiş Idris pygambere çenli Anuş, Kaýnan, Mahlain, Ýarub pygamberleriñ oruntutary boldy… Şeýle-de:
Ýakup pygamberiñ oruntutary Ýusup… Musa pygamberiñ oruntutary Ýuşag… Sületman pygamberiñ oruntutary Asaf… Isa pygamberiñ oruntutary Şemun al Safa…
A Hezreti Muhammediñ oruntutary kim? «Men ylmyñ şäheri, Aly bolsa onuñ gapysydyr» diýmeginiñ manysy nämedi?

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 27.06.2024 ý. Publisistika